ZAMAN TÜRKMENISTAN

TERJIMELER TEKJESI



# GYSGA HEKAÝALAR

Terjime eden
**Ýegenmämmet TAÝLYÝEW**

# DURMUŞ SAPAKLARY

Azdan başlamak, bu kadalydyr. Küýze kem-kemden dolýar. Islendik halypa, haçan-da bolsa, birwagt şägirt bolandyr. “Kiçisi bolmadygyň ulusy bolmaz” diýlişi ýaly, ähli zat kiçiden başlanýar, şonuň üçin kiçi zatlara biperwaý garamaň! Eger-de siz haýsy hem bolsa, bir işde yzygiderliligi saklap, sabyrly bolsaňyz, hökman üstünlik gazanarsyňyz! Hiç kimem bir günde ähli zada ýeten däldir, kimde-kim kiçiden başlamaga taýýar bolup, erjellik bilen zähmet çekýän bolsa, üstünlik onuň hemrasydyr.

Biziň aňymyz – biz. Siz näme hakda pikir edýän bolsaňyz, şoňa görä bolarsyňyz. Eger adam ýaramaz zatlary aýdýan bolsa ýa-da bet işi jäht edinen bolsa, ol gam-gussa giriftar bolar. Eger-de adam päk niýetli zähmet çekýän bolsa, bagtyýarlyk oňa saýa salyp, ondan daşlaşmaz. Dogry ýaşamak üçin aňyňy dogry pikirler bilen doldurmaly. Dogry-dürs düşünje isleýän zatlaryňyzyň baryny eçiler; nädogry düşünje – ýaramazlyk bolup, ahyrsoňy öz başyňyza ýetýär. Ähli gabahat işler aklyň kemterligi zerarly ýüze çykýar. Eger-de akyl-düşünje özgerse, hata işler bolmaz.

Içiňde gahar-gazap saklamak, kimdir biriniň üstüne zyňmak maksady bilen eliňde köz saklan ýaly bolup, ahyrda-da oňa özüň köýersiň. Haçan-da, siz kimdir birine ýagşylyk edeniňiz-de bu ýagşylygy özüňize edýändigiňizi unutmaň! Sen öz badyňy basman, hiç kimiň badyny basyp bilmersiň. Bagyşlamagy öwren, özem tiz bagyşlamagy öwren!

Seniň hereketleriň köp zady aňladýar. Ösüş üçin hereket etmegiň lazym, tiz ösüş gazanmagyň üçin bolsa, yzygiderli hereket etmegiň gerek. Hemmeler gazanç edip bilýärler, ýöne hemişe hereketde bolýanlar onuň nämedigini bilýärler. Şeýleräk bir pähim bar: “Hudaý her bir guşa gurçuk berýär, ýöne ony höwürtgesine oklamaýar”.

Düşünmäge tagalla ediň! Biz hakykat üçin däl-de, eýsem, özümiz üçin göreşmäge başladyk. Ilki düşünjek boluň, diňe şondan soň, özüňize düşünmekleri üçin tagalla ediň! Siz başga biriniň nukdaýnazarlaryna düşünmek üçin ähli tagallalaryňyzy etmelisiňiz. Başgalary diňläň, olaryň nukdaýnazarlaryna düşüniň we şonda rahatlyga gowşarsyňyz.

Özüňizi ýeňiň! Müňlerçe jeňde ýeňeniňizden, özüňizden rüstem geleniňiz ýagşydyr. Şonda ýeňiş size hemra bolar. Ony sizden hiç bir güýç alyp bilmez. Özüňi ýeňmek üçin öz pikiriňden rüstem gelmeli. Siz öz edýän pikirleriňize gözegçilik etmeli. Çünki olar deňiz tolkunlary ýaly çyrpynyp bilerler.

Özara sazlaşykda ýaşaň! Sazlaşyk ýürekden gelýär, ony daşyndan gözlemäň! Diňe öz ýüregiňizde bolup biljek zady daşyndan agtarmaň. Sazlaşyk – bu kalbyňyzdaky asudalykdyr.

Şükürli boluň! Nämedir bir zada şükür etmäge nämedir bir zatlar tapylýar. Iň kyn pursatlarda-da hiç haçan ruhdan düşmäň! Şükürli kalp sizi beýgelder.



# MÜMKINÇILIKLERIŇ WAGTY



Ýaş ýigit babasyndan maslahat almak üçin onuň ýanyna myhmançylyga barýar. Olar çaý-nahar edinenlerinden soň, agtygy babasyna ýüzlenip:

– Baba, siziň bilen bir maslahatym bardy. Meniň tanyşlarymyň biri zehinli programmaçy. Ol maňa bilelikde internet ulgamy bilen baglanyşykly biznes açmagy teklip etdi. Bilşiňiz ýaly, men oňat hünärmen, eýýäm bir ýyl bäri ýokary aýlykly maglumat tehnologiýasy kompaniýasynda işleýärin. Ine, görşüňiz ýaly, golaýda awtoulag hem edindim. Men bir tarapdan, biznesimiziň ugruna bolup gitjegine ynanman hem duramok, ýöne beýleki bir tarapdan hem düşewüntli işimi ýitiresim gelenok. Siz nähilem bolsa, telekeçilik eden adam, bu ugurdan uly tejribäňiz bar. Belki, maňa näme etmelidigini maslahat berersiňiz?!

Babasy biraz dymyp, soňam şeýle diýipdir:

– Seniň biznes taslamaň hakda maňa belli bir pikir aýtmak aňsad-a düşmez, dogrusy, saňa nätseň gowy boljakdygy barada anyk maslahat berip biljek däl. Seň özüň belli bir karara gelmeli. Ýöne, garşy bolmasaň, saňa wagt hakynda käbir zatlary gürrüň bereýin. Gadymy greklerde iki hili wagt bolupdyr. Hronos – häzirki tükeniksiz, dowamly wagt hem-de Kaýros – hemişe garaşylman durka gelýän şowlulygyň tutdurmaýan oňaýly pursaty. Şonuň üçin ony ulanmak juda kyn. Kaýros garaşylmazdan peýda bolýar – bir o ýerde, bir bu ýerde peýda bolsa-da, hemişe-de aramyzda gezýär. Ol şeýle bir tiz gaçýar welin, ony tutmag-a beýlede dursun, eýsem, görüp ýetişmegem her kime başartmaýar. Grekler Kaýrosy tutmak üçin özüňde iki zady – aň-düşünjäňi artdyrmalydygyňy, duýgurlygyňy wagtynda oýarmalydygyňy aýdypdyrlar. Eger-de, saňa olary oýarmak başartsa, onda sen gelejege nazar aýlap bilersiň we öz gelen islendik kararlaryň netijelerini öňünden aňyp bilersiň.



# DURMUŞYŇ MANYSY

Bir gezek agşamaralar ýoldan gijä galan ötegçi akyldaryň gapysyny kakypdyr. Akyldar ony içeri çagyryp, hödür-kerem edipdir. Olar özara gürrüň edipdirler.

– Gulak asyň – diýip, myhman aýdypdyr: – Seniň parasatlylygyň baradaky gürrüňler biziň ülkämize hem baryp ýetdi. Sen nähilem bolsa, köpi gören adam. Eýsem, siz maňa adamyň näme üçin şu dünýäde ýaşaýandygyny düşündirip bilermisiňiz, eýsem, durmuşyň manysy nämede?!

– Ýogsa-da, seň özüň bu hakda pikir edip gördüňmi? – diýip, akyldar sorapdyr.

– Men bu hakda kän pikir etdim, ýöne oň jogabyny henize çenli tapyp bilmedim. Men her günde şol bir zady edýärin: işleýärin, iýip-içýärin, uklaýaryn. Gündiz gije bilen ýerini çalyşýar, ýene-de şol bir gün gaýtalanýar. Hepdeler, aýlar, ýyllar şeýle bir tiz geçýär welin, teý bolar ýaly däl. Gyşdan soň ýaz, tomus, güýz gelýär, soňra ýene-de gyş. Men bagtymy tapýaryn, soň ony ýene-de ýitirýärin. Ähli zat haýsydyr bir bimany aýlawda pyrlanyp duran ýaly. Meniň pikirimçe, munuň hiç hili manysy ýok.

Akyldar sesini çykarman, ony sazlaşykly jykgyldap duran uly sagadyň ýanyna eltip, onuň yzky gapagyny açýar. Onuň içindäki käbiri tiz, käbiri haýallyk bilen aýlanyp duran köp sanly çarhlar biri-biriniň dişine ilteşip, sagadyň dillerini herekete getirýärdi.

– Ine, sen şu ýa-da bu çarha seret – diýip, akyldar ümsümligi bozýar.

– Olar hemişe-de şol bir ýerde aýlanyp durlar. Eýsem, sen nähili pikir edýärsiň, diňe bir çarh aýlanyp dursa, oň manysy bolarmydy? Bolmazdy. Durmuşam şeýle.



# HAZYNA GÖZLEÝJI

Ir zamanlarda köne kartalar we rowaýatlar esasynda syýahat maksady bilen hazyna gözlemäge ömrüni bagyş eden bir adam bolupdyr. Ol maksadyna ýetmek üçin hiç zadyny gaýgyrmandyr, ýöne ol hazyna diýip aýdar ýaly, üýtgeşik bir zadyň üstündenem barmandyr. Günleriň bir güni eýýäm garrylyk çagyna ýeten bu adam syýahatynyň arasynda balykçylyk bilen meşgullanýan dogduk obasyndaky öýüne dolanyp gelýär. Ol hazyna tapan halatynda, özüniň nähili oňat ýaşajakdygy barada heniz hem göwün ýüwürdýän eken. Emma ol munuň ýöne bir boş hyýaldygyna hem düşünmän durmaýan eken.

Onuň dünýäsini täzelän gijesi deňiz joşup, kenardan uzakda bolmadyk gonamçylygy hem suw basýar. Kyn ýagdaýda galan dostlary hem-de goňşulary ony öz öýüniň howlusynda depin etmeli diýen karara gelýärler. Haçan-da, olar ýeri gazyp durkalar haýsydyr bir küýzäniň üstünden baryp, onuň altyn şaýylyklardan doludygyna göz ýetirýärler. Ömrüni deňizlerden we adalardan hazyna gözlemäge bagyşlan bu adam öz howlusyny, aýagynyň aşagyny gazyp görmek hakda hiç haçan pikirem etmändir.

**Käte durmuşda-da biz öz golaýymyzdaky hazynany göremzok-da, ony has uzaklardan gözleýäris.**





# ÇEÝZIŇ BAGTY

Ejesiniň yzyna düşüp, awtoulaga tarap ýönelen Çeýz tas aglapdy. Ol ýap-ýaňyja ortodontuň otagyndan çykypdy. Ýaňy on bir ýaşan oglanjygyň öňünde durmuşynda has kyn döwür bolan arly tomus ýatyrdy. Lukman onuň bilen mylakatly gürleşdi, ýöne hakykatyň ýüzüne seretmeli wagt gelip ýetipdi. Çeýz dişleriniň nädogry ösüşini düzetmek üçin gapjawaç dakdyrmaly boljakdy. Dişlerini düzetmegiň agyryly bolany üçin, ol gaty we şepbeşik iýmitleri iýip biljek däldi. Üstesine-de, oglanjyk dostlarynyň öz üstünden güljekdigi barada-da pikir edýärdi. Eneli-ogul obadaky kiçijik öýlerine dolanyp gelýärkäler biragyzam gürleşmediler. Olaryň obadaky mellek ýeri onçakly uly däldi, ýöne ol ýerde olaryň iti, iki pişigi, towşanlary, köp sanly belkalary, guşlary ýaşaýardy.

Oglunyň dişleriniň nädogry ösüşini bejermek baradaky çözgüdi ejesi Sindiniň bir özüne aňsat däldi. Çünki bäş ýyl mundan ozal, onuň adamsy aradan çykypdy, bir oglundan başga hiç kimi ýokdy. Ol oglunyň dişini bejertmek üçin zerur bolan 1500 dollary hem az-azdan ýygnapdy.

Soňra günleriň birinde ejesi dünýäde özi üçin iň eziz bolan perzendiniň göwnünden turdy: Sindi oglunam ýanyna alyp, köp ýyllardan bäri duz-emek bolşup gatnaşýan, özlerinden 50 mil uzaklykda ýaşaýan Reýkerleriň maşgalasyna görme-görşe gitdi. Jenap Reýker olara teblehanasyny, bu ýerdäki atyny görkezdi. Ata golaý baranlarynda, ol kellesini belent tutup durdy. Adaja öwüsýän şemal onuň açyk ýalyny, guýrugyny tolkun atdyrýardy. Atyň ady Ledidi, iň owadan atlaryň tohumyndandy. Eýerlenen bu ata Çeýz ömründe ilkinji gezek münüp görýärdi. At bilen atlyny haýsydyr bir mähir şobada gurşap aldy.

– Eger-de, siz almak isleseňiz, bu at satylýar – diýip, jenap Reýker Sindä ýüzlenip aýtdy. – Siz muny müň ýarym dollara alyp bilersiňiz, oňa ähli degişli kagyzlary düzedip, äkitmek üçin ýörite pyrgunam goşýaryn.

Sindi belli bir karara gelmelidi. Ýygnan pullaryny Çeýziň dişlerini düzetmäge ýa-da oňa at satyn almaga sarp etmelidi. Ahyrda ol Çeýziň dişleriniň nädogry ösüşini düzetmegiň has wajypdygyna göz ýetirdi. Eneli-ogul näçe gynansalar-da, gelen kararlary bilen razylaşmaly boldular. Sindi ogluna ata öwrenişmegi, birsalym münüp çapmagy üçin Reýkerleriň hojalygyna ýygy-ýygydan getirjekdigine söz berdi.

Çeýz uzak möhletli diş bejeriş tapgyryna göwünsiz başlady. Ol her niçik-de bolsa, lukmana gatnap, gapjawajyň dowamly basyşyna döz gelmeli boldy. Ol käte aglasa-da, zeýrense-de, bejerişiň arasyny kesmedi.

Ejesiniň Ledä münüp, birsalym gezim etmegi üçin äkiden günleri Çeýziň durmuşynda tomsuň ýeke-täk ajaýyp pursatlarynyň biri bolup geçdi. Ol bu ýerde bütinleý erkindi, giň meýdanda agyry-ynjyny bilmeýän dünýä atarylyp, çar tarapa at çapýardy. Oglanjyk diňe atyň toýnaklarynyň sazlaşykly dükürdisini, ýüzüne urýan şemalyň şuwwuldysyny eşidýärdi. Çeýz Lediniň üstünde gezim edip ýörşüne özüni gadym zamanlarda betbagtçylyga uçran bir gyzy halas eden rysar ýa-da kowboý däldirin öýtmeýärdi. Çeýz uzak gezelençden soň, jenap Reýker bilen birlikde Ledinem, onuň ýatagynam arassalaýardylar. Ata iým berýärdiler. Çeýz öz täze dostuna hemişe bir bölejik gant eçilýärdi. Kämahallar Sindi Reýkeriň aýaly bilen köke bişirýärdiler, limonad taýýarlaýardylar, Çeýziň at çapyşyny synlaýardylar.

Sindi zorluk bilen alyp gaýtmadyk bolsa, Çeýziň at bilen hoşlaşygy uzaga çekjekdi. Oglanjyk Lediniň kellesini gujaklaýardy, arkasyny we ýalyny sypalaýardy. Paýhasly jandar ähli zada düşünýän ýaly, Çeýziň käýarym köýnegininiň ýeňinden dişläp, parahat durýardy. Oglanjyk her gezek Reýkerlerden gaýdanda, Ledini iň soňky sapar görýändirin öýdüp howatyrlanýardy. Çünki bu at satlyga çykarylypdy, seýslenen atlaryň gadyr-gymmatam başgaça bolýar-a.

Tomus paýawlap barýanam bolsa, dişleriniň nädogry ösüşini düzetmek bilen baglanyşykly görgi, närahatlyk dowam edýärdi. Basym müň ýarym dollar hem harç edilip, özüni ýesir eden atyny satyn almaga hiç zat galjak däldi. Çeýz rahatlandyryjy jogap almagy umyt edip, ejesine sowal baryny berýärdi. Mümkin, olar aty satyn almak üçin pul karz alarlar? Eýsem, gerekli mukdardaky puly gazanmak üçin gowy iş tapdyrmazmyka? Sindi ogluna başardygyndan jogap berýärdi, käteler oňly jogap tapmaýanyny ogluna bildirmejek bolup, içerden çykyp gidýärdi. Ýalňyz ogluna isleýän zadyny alyp bermäge güýjüniň ýetmeýändigine ýüregi awaýardy.

Sentýabryň salkyn säherinde mekdepde sapaklar başlady. Irden Çeýzleriň öýleriniň ýanynda sary mekdep awtobusy saklandy. Mekdep okuwçylary tomus dynç alşynda näme bilen meşgul bolandyklary barada bir-birlerine gürrüň berýärdiler. Haçan-da, Çeýze nobat ýetende, ol dürli zatlar barada gürrüň berse-de, Ledi atly altynsow ýally at barada ýeke agyz hem dil ýarmady. Bu wakanyň iň soňky baby ýazylmanlygy üçin, ol hatda onuň nähili gutarjakdygy barada pikir etmäge hem gorkýardy. Bejeriş döwrüniň has çynlakaý tapgyry yzda galdy, häzir Çeýziň ýagdaýy oňşarlyklydy.

Çeýz ýekşenbe gününe sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Çünki ejesi ony Reýkerlere alyp gitmegi wada beripdi. Oglanjyk bellenilen güni irden ukudan oýandy. Towşanlaryny, itini, pişiklerini naharlady, hatda, howlynyň agzyndaky ýapraklary dyrmyklap üýşürmäge-de ýetişdi. Çeýz öýden çykmazyndan ozal, altynsow ýally dosty üçin keltekçesiniň jübüsini gantdan dykyp doldurdy.

Olaryň sürüp barýan awtoulagy ýoldan sowlup, Reýkerleriň fermasyna tarap ugur alýança, Çeýze ummasyz köp wagt geçen ýaly bolup göründi. Ol uzakdan öz söýgüli atyny görmek üçin alada bilen bar ünsüni jemledi. Olar hojalyga golaý baranlarynda, oglanjyk näçe göz gezdirse-de, hiç ýerde Ledä gözi düşmedi. Onuň ýüregi tiz-tizden urup başlady, gözleri bilen at daşalýan pyrguny agtarýardy. Ol hem ýokdy. Atam, pyrgunam ýitirim bolupdy. Çeýziň uly howsala bilen pikir edýän zady hakykata öwrülipdi. Hakykatdanam, kimdir biri aty satyn alypdyr, Çeýz indi ony hiç haçan görüp bilmese gerek.

Çeýz özünde nähilidir bir ruhy boşlugy syzdy. Olar kynlyk bilen awtoulagdan düşdüler-de, öýüň gapysyna ylgap bardylar. Ýöne gapy jaňyna hiç kim jogap bermedi. Diňe Deýzi atly güjük guýrugyny bulaýlap, olary garşylady. Ejesi gaýgyly halda howla aýlanýança, Çeýz teblehana ugrady. Onuň ýatagy boşdy, eýeri hem gürüm-jürüm bolupdy. Çeýz gözüne ýaş aýlap, awtoulaga dolanyp geldi.

– Men hatda onuň bilen hoşlaşybam ýetişmedim – diýip, pyşyrdady. Sindi we Çeýz gaýdyşyn öz pikirlerine gümra bolup, dymyp gelýärdiler. Dostunyň ýitgisinden düşen ýara aňsat-aňsat bitmez, Çeýz diňe atyň söýüljek we ol hakda gowy alada ediljek oňat öýe düşmegine bil baglaýardy. Çeýz onuň bilen geçiren ünjialadasyz günlerini hiç haçan unutmaz.

Sindi öýlerine alyp barýan ýola sowulanda Çeýz gözlerini ýumup, başyny sallap otyrdy. Häzir ol öýleriniň ýanynda duran at daşamak üçin niýetlenen gyzyl reňkli lowurdap duran tirkeg pyrgunam, gök awtoulagyna ýaplanyp duran jenap Reýkerem görmeýärdi. Çeýz gabagyny galdyranda, münüp gelýän awtoulagy eýýäm saklanan eken, jenap Reýker bolsa, awtoulagyň gapysyny açdy-da:

– Çeýz, sen näçe dollar ýygnap ýetişdiň – diýip sorady.

Ýok, bu wakanyň hakykat bolmagy mümkin däldi. Oglanjyk gözlerini süpürdi we ynamsyzlyk bilen:

– On ýedi dollar – diýip, sakynyp jogap berdi.

– Men at hem-de ony pyrgunly getirmegiň haky üçin hut şunça töleg isläpdim – diýip, jenap Reýker hoşamaý ýylgyrdy.

Söwda gaty bahym tamam boldy. Birnäçe minutdan bolsa, eýýäm, täze buýsanjaň hojaýyn atyň eýerinde joňkaryp otyrdy. Az wagtdan soňam atyny giň meýdana tarap öwren Çeýz gözden gaýyp boldy.

Jenap Reýker bu eden hereketini adamlara şeýle düşündirýärdi:

– Şol gün meniň ömrümde iň ajaýyp we bagtly günleriň biri bolupdy!





# DIŇE BIR NIÝETIŇ DÄL, HEREKETLERIŇEM WAJYP

Bu waka Oklahoma Sitiniň güneşli günleriniň birinde bolupdy. Meniň dostum buýsanjaň ata Bobbi Lýuis öz iki ogluny mini-golf oýnamaga alyp gidipdir. Ol petek satyja ýüzlenip:

– Petek näçeden?

– Siziň üçin üç dollar, üç dollar hem alty ýaşdan uly çagalar üçin. Alty ýaşly we ondan kiçileri mugt goýberýäris. Size näçesi gerek? – diýip, ýaş ýigit sorapdyr.

Bobbi:

– Biri üç ýaşynda, ikinjisi ýedi ýaşynda, diýmek, men saňa alty dollar bermeli.

Petek satýan ýigit gyzyklanyp:

– Meni diňle, ser! Sen näme täzelikde baýadyňmy? Sen üç dollar tygşytlap biljekdiň ahyryn. Sen maňa ulym hem alty ýaşynda diýen bolsaň, men aňmazdym ahyryn.

– Hawa, şeýle hem bolup bilerdi, ýöne çagalar aňardylar-a – diýip, Bobbi jogap beripdir.

Netije: her hili ýagdaýlarda hem töweregiňizdäkilere oňat nusga görkeziň.

# ÝOL GÖZLÄŇ



Biz adamlaryň ýyllyk girdejisini artdyrmaga ýardam berýän “Million dollara çenli girdeji” atly sapaklara ýaňy başlanymyzda bu waka hakda ilkinji gezek eşidipdik. Şonda professor bize şeýle gürrüň beripdi:

– Hemmelere mälim bolşy ýaly, adam ozal ýörelip gataldylan ýoldan ýöremegi gowy görýär – ol dartgynly, erjel işleýär, ýöne üşüklilik we ýitilik bilen däl. Ýöne durmuşda üstünlik gazanyp, baý adam bolmak üçin, özüňe zor salyp işlemek ýeterlik däl. Iş prosesindäki endik edilen, öwrenişilen ýörelgeleri bozmaly, saklanyp galan endikleri özgerdip, täze, dogry ýoluň gözlegine çykmaly.

Men daş-töweregi sosnalar bilen gurşalan, Torontadan bir sagat uzaklykdaky ajaýyp ýerde ýerleşen “Milkfort” oteliniň oňat otaglarynyň birinde otyryn. Yssy iýul aýy başlapdy. Men oturan kürsimden birnäçe ädim uzaklykda durmuş bilen paýhassyz göreşiň sesine gulak asýardym. Kiçijik ary penjire aýnasyna özüni urup wyzzyldaýardy, gatlagy böwsüp geçmek üçin paýhassyz synanyşyk edýärdi, ýöne uly güýçler ony saklaýardy.

Wyzzyldaýan ganatjyklary onuň eýesiniň maksadyna bütin aýdyňlygy bilen şaýatlyk edýärdi: özüňe zor salyp, dartgynly işlemeli, şonda aýnany böwsüp geçip, erkinlige çykyp boljak. Ýöne tagallalar boş ýere sarp edilýärdi we halas bolmak üçin hiç hili umyt ýokdy. Penjire aýnasy bilen göreş – gapan ýaly bolup, has-da berk gysýardy.

Ary penjire aýnasyny böwsüp geçmek üçin özüne agram salyp näçe urunsa-da, üstünlik gazanmaga mümkinçiligi ýokdy. Ýöne ol aýnany böwsüp geçmek üçin öz öňünde maksat goýupdy we munuň üçin erjellik bilen jan edýärdi. Ary bu penjire aýnasynyň ýüzünde ölüp galjaga meňzeýärdi. Otagyň beýleki künjündäki gapy açyk durdy. On sekunt uçuş bilen maksadyňa ýetip, erkinlige çykyp boljakdy. Ganatlaryňy birnäçe gezek kakýarsyň – gapan açylýar we erkinlige çykýarsyň. Göräýmäge juda ýeňil we ýönekeý… Näme üçin ary halas bolmak üçin başga ýol gözlejek bolmaýar we penjire aýnasyna özüni urmagyny dowam etdirýär? Eýsem, bu ýoluň gelejegi ýok ahyryn.

Çünki aryda paýhas ýok we ol öz başaryp biljek işlerini sanap bilmeýär. Arynyň saýlap alan ýoly petige direýär, ýöne ol muňa düşünmeýär.

Durmuşda özüňe çynlakaý zor salman emele gelen ýagdaýdan akylly-başly baş alyp çykmaly. Çünki başa barmaýan zatlar üçin özümize agram salsak, ol bizi betbagt edýär. Käwagt şeýle pikirler adama zyýan berip, üstünlik gazanmak ugrundaky tagallalaryny puja çykarýar.

Ary penjire aýnasyny böwsüp geçmek üçin özüne agram salyp näçe urunsa-da, üstünlik gazanmaga mümkinçiligi ýokdy. Ýöne ol aýnany böwsüp geçmek üçin öz öňünde maksat goýupdy we munuň üçin erjellik bilen jan edýärdi. Ary bu penjire aýnasynyň ýüzünde ölüp galjaga meňzeýärdi. Otagyň beýleki künjündäki gapy açyk durdy. On sekunt uçuş bilen maksadyňa ýetip, erkinlige çykyp boljakdy. Ganatlaryňy birnäçe gezek kakýarsyň – gapan açylýar we erkinlige çykýarsyň. Göräýmäge juda ýeňil we ýönekeý…

# DELFINIŇ PEŞGEŞI



Men ýeke özüm, takmynan, 40 fut çuňlukda suw astynda galdym. Arkaňda halas ediji guralyň ýok bolsa, suwa çümmeli däldigini bilýärdim, ýöne özümi tejribeli guwwas saýýanlygym üçin töwekgelçilige ýüz urmaly diýen karara geldim. Bu ýerde akym onçakly güýçli däldi, suw hem juda ýyly, arassa hem-de mylaýymdy. Haçan-da, meniň damarlarym dartylyp başlanda, nähili samsyklyga ýol berendigime düşünip galdym. Men gaty bir birahat hem däldim, ýöne garnymdaky agyry meni iki bükülmäge mejbur etdi. Men bilimden ýükli guwwas kemerimi aýyrmaga synanyşdym, ýöne garnym şeýle bir agyrýardy welin, men oňa elimem degrip bilmedim. Kem-kemden has aşak çümüp başladym, gymyldamaga mejalym galmady, meni haýsydyr bir gorky gurşap aldy. Elimdäki sagada kynlyk bilen seredenimde, ballonymdaky kislorodyňam azalyp barýandygyna göz ýetirdim. Men garnymy owkalamaga synanyşdym, ýöne mende guwwas eşiginiň ýokdugyna garamazdan, dikelip, çekýän damarlaryma elimi ýetirip bilmeýärdim.

“Men indi şeýdip o dünýä gidibermeli bormukam?!” diýen pikir kelläme geldi. “Entek etmeli birtopar işlerim bar ahyryn! Dereksiz ýitesim gelenok, ahyrsoňunda-da, hiç kim maňa näme bolanyny bilmez”.

Şol wagt men öz ýanymdan: “Kimdir biri ýa-da nämedir bir zat maňa kömek etsedi!” diýip, pikir öwürdim. Men beýle zatlar bolar öýdüp kelläme hem getirmeýärdim. Birdenem, kimdir biriniň egnimden çalaja itýänini duýdum. Meni gorky gaplap aldy. “Akulamyka?, Ýok, şol bir bolmawersin!”.

Şol wagt ol zat meniň elimi güýç bilen sähelçe galdyrdy, meniň öňümde hyýalyma-da gelmedik ajaýyp gözler peýda boldy. Ol gözler uly delfiniň gözleridi, oňa garap, özümiň halas bolandygyma göz ýetirdim. Göwnüme bolmasa, ol ýylgyrýan ýalydy. Jandar öňe süýşüp, meni gapdal ýanyna çalaja itip, ýapyşmagym üçin ýagyrny ýüzgüçlerini golaýlaşdyrdy. Men özümde juda ýeňillik duýdum, rahatlandym, hemem ony mäkäm gujakladym. Bu jandaryň meniň halas bolmagymy aňladýandygyny bildim, ol meni diňe bir ýokary alyp gitmän, janyma rahatlygam berdi. Şeýlelikde, biz bilelikde ýüzüşimizi dowam etdirdik, garnymdaky agyry hem kesildi, indi men özümiň howpsuzlygym üçin begenýärdim, çünki hut bu delfin meni halas edýärdi. Jandar meni suwuň ýüzüne çykaryp, kenara tarap itýärdi. Deňziň kenary şeýle bir ýalpakdy welin, hatda meniň özüm delfiniň kenarda galaryndan alada edip, ony çuňluga tarap itdim. Ol janawar bolsa, meniň ýagdaýymyň oňatlygyna göz ýetirmek üçin maňa üns bilen garap garaşýardy.

Men dünýä täzeden inen ýaly boldum. Guwwas kemerimi we kislorodly ballonymy çykardym, beýleki galan zatlarymy hem kenara taşlap, egni açyk ýagdaýda ummana – delfiniň ýanyna dolanyp geldim. Men özümi şeýle bir erkin, şadyýan, ýeňil duýýardym, bu erkinlikden lezzet alyp, çogly Güneşiň astynda birsalym ýaýnamagy ýüregime düwdüm. Delfin meni umman möwçleriniň arasyna alyp gitdi, tolkunlaryň arasynda meniň bilen uzak wagtlap oýnady. Men ol ýerde ýene-de birtopar delfinleriň bardygyna göz ýetirdim.

Birnäçe wagtdan soň, ol meni yzyma – kenara getirdi. Men şeýle bir ýadapdym, tas özümi ýitiripdim, ol ilki bilen meniň howpsuz ýere çykandygyma göz ýetirdi, soňra maňa tarap gapdallaýyn öwrülip, gözüniň gytagy bilen seredip durdy. Biz şeýle ýagdaýda göýä, jadylanan ýaly ýene-de birnäçe wagtlap doňup galdyk. Soňra delfin özboluşly bir ses çykaryp, beýleki delfinlere goşuldy, sähelçe wagtdanam olar umman möwçleriniň arasynda gözden ýitdiler.



# BATYRLYK HAKYNDA

– Sen meni batyr hasaplaýarsyňmy? – diýip, bir gezek dostum sorady.

– Eýsem näme!

– Mümkin, şeýle hem bolup biler, ýöne bir gezek meniň gözümiň alnynda nusga alarlyk, ruhlandyryjy waka bolup geçdi. Men saňa şol waka barada gürrüň bereýin. Birnäçe ýyl mundan ozal, Stenford keselhanasynda meýletinçi bolup işleýärkäm, Laýza atly kiçijik gyz bilen tanyş boldum. Ol seýrek duş gelýän agyr keselleriň birinden ejir çekýärdi. Onuň sagalmak üçin ýeke-täk umydy özüne gan goýberilmeginden ybarat bolup, onuň donory bolsa, bäş ýaşly dogany bolmalydy. Lukman oglanjyga emele gelen ýagdaýy düşündirýär we ondan öz uýasyna ganyny bermäge taýýardygyny ýa-da däldigini soraýar. Men onuň jogap bermezden ozal, diňe bir pursat ýaýdanandygyny görüp galdym.

– Hawa, elbetde, eger-de, bu Laýzany halas etse.

Gan goýberilip durka, ol uýasynyň ýanynda, diwanda ýatyrdy, biziň ählimiz ýaly gyzjagazyň ýaňagynyň täzeden gyzarjakdygyny synlap ýylgyrýardy. Soň onuň ýüzüniň reňki öçdi we ýylgyrmasyny goýdy. Ol lukmana gabagyny galdyryp, sandyrawuk sesi bilen sorady:

—Eýsem, men edil häzir jan bererinmi?

Kiçijik oglanjyk lukmanyň sözlerine nädogry düşünip, uýasyna özüniň bar ganyny bermelidir öýdüpdir.

Şonuň üçin, eger-de men batyrgaýlyk edýän bolsam, bu diňe meniň gözümiň öňünde şeýle nusga alarlyk, ruhlandyryjy wakanyň bolup geçenligi üçindir – diýip, ol sözüni jemledi.

# HASSAHANADA

Hassahananyň bir otagynda agyr keselli iki adam ýatan eken. Olaryň birisiniň krowaty penjirä golaý ýerde, beýlekisininiňki bolsa, gapa golaý ýerde ýerleşýän eken.

– Penjireden saňa näme görünýär? – diýip, gapa golaý ýerde ýatan hassa sorapdyr.

– Bir görsediň – diýip, penjirä golaý ýatan janlanypdyr. – Men gök asmany, topbak-topbak bulutlary görýän, uzaklardan bolsa, köl hem tokaý göze ilýär.

Penjirä golaý ýerde ýatan hassa her gün diýen ýaly öz goňşusyna penjiräniň aňyrsynda görýän zatlary hakda gürrüň beripdir. Ol öz görýän gaýyklary, balykçylary, kenarda oýnap ýören çagalary, seýle çykan aşyk-magşuklar barada gürrüň beripdir. Haçan-da, ol penjiräniň aňyrsynda bolup geçýän geň-taň wakalar barada gürrüň berende, gapa golaý ýerde ýatany gizlin göriplik gaplap alypdyr. Ol "Bu adalatsyzlyk bolýar" diýip, öz ýanyndan pikir ýöredipdir. Haýsy biti-ren işi üçin meni däl-de, ony penjiräniň deňinde ýatyrdylarka, men bolsam diňe reňki gaçyp ugran gapydan başga zat görüp bilemok. Ol bolsa, penjireden tutuş dünýäni synlap otyr.

Bir gün penjiräniň gapdalynda ýatan hassanyň ýagdaýy gowulaşyp, ony umumy bölüme geçirýärler. Ony alyp gidenlerinden soň, goňşusy özüni penjiräniň gapdalyna geçirmegi şepagat uýasyndan haýyş edýär. Şepagat uýasy hassanyň haýyşyny bitirip, onuň krowatyny penjiräniň deňine süýşürýär-de, gapa tarap ýönelýär. Birdenem hassanyň howsalaly sesi şepagat uýasyny aýak çekmäge mejbur edýär:

– Bu nähili beýle bolýar? Bu penjiräniň aňyrsynda diwardan başga görünýän zat ýog-a! Ýaňky umumy bölüme alyp giden hassaňyz maňa bu ýerden tokaýy, köli, bulutlary, adamlary görýändigini aýdýardy. Eýsem, ol nädip şonça gözelligi bu penjireden görüp bildikä?!

Şepagat uýasy gaýgyly ýylgyryp:

– Ol asla hiç zady görüp bilmeýärdi, o bende kördi ahyryn – diýipdir.





# HAKYKY DOSTLAR

Bir ýaş ýigidiň toý güni barha golaýlapdyr. Ol toýa taýýarlyk görmek üçin ençeme aýlap alada edipdir. Bir gün ol kakasyna ýüzlenip:

– Kaka, senden bir haýyşym bar. Meň bir özüm hiç zada ýetişemok, şoň üçin, ine, dostlarymyň sanawy. Olara jaň edip, toýuma çagyryp beräý – diýipdir.

– Bor, oglum – diýip, kakasy jogap beripdir.

Toý güni ogly kakasynyň ýanyna howsalaly gelip, gaharlanyp ugrapdyr:

– Kaka, seň edeniň näme? Men saňa “Ähli dostlaryma jaň edip çyk” diýmänmidim?

– Men seniň aýdyşyň ýaly etdim-ä.

– Meniň saňa beren sanawymda 50 adam bardy, toýa bolsa olaryň diňe 15-si gelipdir.

– Oglum, men olaryň 50-sine-de jaň edip çykdym. Olaryň her birine seň haýyşyň bilen jaň edýändigimi hem-de seniň häzir bir meseläň ýüze çykandygyny we saňa dostlaryň kömeginiň gerek boljakdygyny hem aýtdym. Men olaryň ählisinden şu sagatda, şu ýere jemlenmeklerini haýyş etdim. Oň üçin alada etme, oglum! Seniň hakyky dostlaryň häzir şu taýda!

# BÜRGÜT



Bürgüt 70 ýyl ýaşaýar, ýöne ol bu ýaşa ýetmek üçin 40 ýaşa baranda çynlakaý, agyr synagy başdan geçirmeli bolýar. Şol ýaşda onuň dyrnaklary bürşüp ýumşaýar, asmanda öz awuny alyp bilmeýär. Onuň uzyndan ýiti çüňkleri sypjyrylyp, burlup ugraýar. Onuň ganatlary tozýar, perlerinde toplanan ýag sebäpli agramy artýar. Ganat kakmagy kynlaşyp ugraýar. Bürgüdiň öňünde iki ýol galýar: ölmeli ýa-da 150 güne çekýän agyra döz gelmeli. Eger-de bürgüt durmuşy saýlap alsa, onda dagyň belentligine göterilip, uçut gaýadaky höwürtgede uzak wagtlap galmaly bolýar. Bürgüt şol ýerde çüňküni tä döwlüp gaçýança gaýa urýar. Onsoň ol täze çüňk çykýança garaşyp, täzesi bilen köne dyrnaklaryny goparýar. Täze dyrnaklary çykyp ugranda, köne ýeleklerini ýolup başlaýar. Şeýlelikde, doly täzeleninden 5 aý geçensoň, ilkinji uçuşyny amala aşyryp, ýene-de 30 ýyl ýaşaýar.

Biz ýaşaýşymyzy dowam etdirmek üçin özümizi özgertmeli bolýarys, käwagt bu ýagdaý ýeňil düşmeýär. Şeýlelikde, geçmişiň ýaramaz ýatlamalaryndan, endiklerinden hem-de goýberen ýalňyşlyklarymyzdan saplanýarys. Diňe geçmişiň gaýgyly ýükünden halas bolmak bize ýaşamaga, durmuşyň hözirini görmäge, gelejege özümizi taýýarlamaga we ynamly garamaga mümkinçilik berýär.

ZAMAN INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN

TERJIMELER TEKJESI

# ZAMAN BILEN WAGTYŇYZY GYZYKLY WE PEÝDALY GEÇIRIŇ!

## Habarlaşmak üçin


Tel.: (+99312) 28-14-05

Fax: (+99312) 28-14-36

mail: info.zamanturkmenistan@gmail.com

web-site: www.zamanturkmenistan.com.tm

zaman_turkmenistan